**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
– Ýokary sportda Türkmenistany dünýä tanatmak meniň esasy maksatlarymyň biridir

# TALYP SPORTY

Talyp ýaşlaryň jemgyýetçilik-syýasy we ylmy-publisistiki neşiri

Esaslandyryjysy – Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty

Noýabr, 2023 ý. 3-nji sany.
Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly



## Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:

**– Şu ýylda bilimde, ylymda, sportda, medeniýetde, senagatda, oba hojalygynda we ykdysadyýetimiziň beýleki pudaklarynda ýaşlarymyz uly üstünliklere eýe boldular. Diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem halkara derejeli ýaryşlarda, olimpiadalarda döwletimiziň Tuguny belentde parladyp, uly ýeňişleri gazandylar.**

# ŞANLY ÝYLYMYZYŇ ÜSTÜNLIKLERI

30-njy noýabrda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirip, ýurdumyzyň sport ulgamynda alnyp barylýan işleriň gidişi barada giňişleýin durup geçdi. Döwlet Baştutanymyz sözüniň başynda paýtagtymyz Aşgabat şäherinde ýerleşýän Olimpiýa şäherçesindäki Başa-baş söweş sungaty sport toplumynda geçirilen Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynyň üstünlikli tamamlanmagy we türgenlerimiziň gazanan üstünlikleri bilen ähli türkmen halkymyzy gutlady.

Döwlet Baştutanymyz maslahatyň dowamynda Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylymyzda ýaşlaryň durmuşynda ýatdan çykmajak köp sanly çäreleriň geçirilendigine ünsi çekdi. Ýakynda ýokary derejede geçirilen Kuraş boýunça dünýä çempionatynda hem biziň türgenlerimiz şowly çykyş edip, gowy netijeleri gazandylar, baýrakly orunlara, köp sanly medallara mynasyp boldular. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe gazanýan taryhy üstünliklerimizde ýaşlarymyza uly orun degişlidir. Bagtyýar ýaşlarymyz ata Watanymyzyň şan-şöhratyny artdyrmakda öz mynasyp goşantlaryny goşýarlar diýip, hormatly Prezidentimiz belledi. Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, biziň beýik geljegimiz ýaşlaryň bagtyýarlygy bilen berk baglydyr. Şu ýylda bilimde, ylymda, sportda, medeniýetde, senagatda, oba hojalygynda we ykdysadyýetimiziň beýleki pudaklarynda ýaşlarymyz uly üstünliklere eýe boldular. Diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem halkara derejeli ýaryşlarda, olimpiadalarda döwletimiziň Tuguny belentde parladyp, uly ýeňişleri gazandylar. Ýurdumyzda ýaşlary goldamak, höweslendirmek, öz ukyp-başarnyklaryny, zehinlerini açyp görkezmekleri üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Bu alyp barýan işlerimizi biz geljekde hem dowam ederis diýip, Arkadagly Gahryman Serdarymyz aýtdy.

Ýurdymyzyň ähli ulgamlarynda, şol sanda sport ulgamynda gazanylan üstünliklerde ýaşlaryň uly orny bardyr. Şuňa ünsi çekmek bilen, döwlet Baştutanymyz ýylyň ahyrynda Ýaşlaryň dabaraly maslahatynyň we sergisiniň geçiriljekdigini, bu dabarada ýylyň dowamynda ýurdumyzda hem-de daşary ýurtlarda geçirilen halkara sport ýaryşlarynda, mekdep okuwçylarynyň olimpiadalarynda, talyp ýaşlaryň bäsleşiklerinde ýeňiji bolanlaryň, şeýle hem ykdysadyýetiň dürli ugurlarynda zähmet çekip, ýurdumyzyň ösüşine mynasyp goşant goşan ýaşlarymyzyň gazanan üstünlikleriniň jeminiň jemlenjekdigini belledi.

Bellenilip geçilişi ýaly, maslahata we köpugurly sergä ata Watanymyzyň ösüşine, onuň at-abraýynyň has-da belende galmagyna öz mynasyp goşantlaryny goşýan ýaşlarymyz gatnaşar. Hormatly Prezidentimiz bu barada aýtmak bilen, bu dabara ýurdumyzda geçirilen halkara ýaryşlarynda ýeňiji bolan daşary ýurtly türgenleri, tälimçileri hem-de beýleki ugurlar boýunça ýeňiş gazanan ýaşlary hem çagyrmak gerek diýip belledi. Şeýle-de, geçiriljek maslahatda we sergide ýaşlarymyzyň gazanan üstünlikleriniň, ylmy açyşlarynyň öz beýanyny tapmalydygyny bellemek bilen, Arkadagly Gahryman Serdarymyz dabaraly maslahatyň dowamynda ýaşlaryň alyp baran işlerine, gazanan netijelerine mynasyp baha beriljekdigini, olary sylaglamak bilen geljekki uly üstünliklere ýol açyljakdygyny aýdyp, wise-premýer N.Amannepesowa, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlaryna guramaçylyk toparynda ýaşlarymyzy çeken zähmetine, gazanan üstünliklerine görä sylaglamak meselesine seretmek we degişli teklipleri taýýarlamak babatda tabşyryk berdi.

Döwlet Baştutanymyz bu dabaraly maslahaty we sergini ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek barada görkezme berdi.

Ministrler Kabinetiniň mejlisinde şeýle-de möhüm meseleleriň birnäçesine garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

**Işanguly MERETNYÝAZOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Bedenterbiýe fakultetiniň uly mugallymy.**

►

# Aşgabatda geçirilen Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynyň jemleri

28-nji noýabrda Aşgabat şäherindäki Olimpiýa şäherçesiniň başa-baş söweş sungaty sport toplumynda Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynyň tutluşyklarynyň ikinji gününiň jemleri jemlenildi.

Jemleýji günüň netijesinde türkmen türgenleri 3 altyn, 3 kümüş hem-de 1 bürünç medala eýe boldular. Bu görkezijileri tutluşyklaryň birinji gününde milli türgenlerimiziň gazanan 2 altyn, 3 kümüş we 3 bürünç medallary bilen goşup alanyňda, milli ýygyndy toparymyzyň düzümindäki 15 türgeniň her biriniň ýaryşlary medally jemländigini görmek bolýar.

Tutluşyklaryň ikinji gününde ýaryşyň ilkinji altyn medalyny 60 kilograma çenli agram derejesinde çykyş eden türkmen türgeni Wepa Awlýakulyýew eýeledi. Ol final tutluşygynda gazagystanly türgen Ýernur Suleimeni ýeňdi. Soňra zenanlar toparynda 78 kilograma çenli agram derejesinde çykyş eden türkmen türgeni Sabina Kadyrowa güýçli garşydaşy, kuraş sportunyň dörän ýurdy bolan Özbegistan Respublikasyndan gelen türgen Filura Ergaşowany ýeňip, altyn medaly gazandy. Ikinji günki dowam eden oýunlarda milli türgenlerimizden üçünji altyn medaly 81 kilograma çenli agram derejesinde çykyş eden Daýanç Omirow eýeledi. Ol final tutluşygynda Gazagystan Respublikasyndan gelen türgen Bekadil Şaimerdenowy ýeňip, ynamly ýeňiş gazandy. Bu gazanylan ýokary netijeler tutluşyklaryň birinji gününde altyn medallaryň eýeleri bolan Dinara Rozykulyýewanyň hem-de Mariýa Lohowanyň ynamly ýeňişleriniň dowamy boldy.



Tutluşyklaryň ikinji gününde milli türgenlerimizden Sabina Agajanowa, Şatlyk Jumanyýazow hem-de Jahan Muhammedowa dagy kümüş medallaryň eýeleri boldular. Olar hem 27-nji noýabrda bolup geçen tutluşyklaryň birinji gününde kümüş medallara eýelik eden Aýşirin Haýdarowanyň, Aýnur Amanowanyň, Sanjar Abdyrahmanowyň görkezen netijelerini dowam etdirdiler. Bürünç medallaryň üçüsini tutluşyklaryň birinji gününde Gülşat Annaýewa, Ruslan Esgerow, Sapa Sapaýew, birini bolsa ikinji gününde Döwlet Hemrakulow eýelediler.

Dünýä döwletlerinden jemlenen güýçli türgenleriň gatnaşmagy esasynda, ýurdumyzda geçirilen Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynda milli ýygyndy toparymyzyň düzüminde erkekler topary 7 agram derejesinde, zenanlar topary 8 agram derejesinde medallaryň 15 toplumy ugrunda bäsleşiklere gatnaşyp, döwletimiziň sport abraýyny täze basgançaklara çykarýan owadan oýunlary görkezip, öňde agzalan netijeleri görkezdiler.

Biz gazanylan bu ajaýyp netijeler bilen Gahryman Arkadagymyzy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzy, ähli ildeşlerimizi we sport janköýerlerini talyp ýüregimizden gyzgyn gutlap, türgenlerimize ýeneki bäsleşiklerde hem ynamly ýeňişleri dileg edýäris.

Halkymyzy bagtyýar durmuşda ýaşadýan, jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmakda, köpçülikleýin bedenterbiýäni we sporty wagyz etmekde dünýä nusgalyk işleri amala aşyrýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda hemişe üstünlik arzuw edýäris.

**Humaý MUHYÝEWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# ÇEMPIONATYŇ JEMLERINE BAGYŞLANDY

23 — 28-nji noýabr aralygynda ýurdumyzda geçirilen Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynyň üstünlikli tamamlanmagy mynasybetli, 30-njy noýabrda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda hoşallyk maslahaty geçirildi. Maslahata Türkmenistanyň bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň, Türkmenistanyň jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylary we Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň ýolbaşçylary, talyp ýaşlary gatnaşdylar.

Çäräniň dowamynda ýurdumyzyň ak mermerli Aşgabat şäherinde ýerleşýän Olimpiýa şäherçesindäki Başa-baş söweş sungaty sport toplumynda geçirilen Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynda guramaçylyk işleriniň üstünlikli alnyp barlandygy we halkara ýaryşda çykyş eden milli türgenlerimiziň üstünlikleri barada giňişleýin gürrüňler edildi.

Maslahatda Dünýä çempionatynyň guramaçylyk we wagyz işlerine talyp ýaşlaryň işjeň gatnaşanlygy barada hem aýratyn durlup geçildi.

Ýeňişlere beslenen dünýä çempionatynda medal eýeleri bolan Kuraş boýunça milli ýygyndy toparymyzyň agzalarynyň maslahata gatnaşmagy talyp ýaşlarda sporta bolan höwesi has-da artdyrdy.

Maslahatda ýaşlara okamaga, öwrenmäge, sport bilen meşgullanyp, halkara ýaryşlarda baýrakly orunlary eýelemäge, ýurdumyzyň sport abraýyny has-da belende götermäge döredip berýän ähli mümkinçilikleri üçin milli sportumyzyň hak Howandary Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyna alkyş sözleri belentden ýaňlandy.

**Mährigözel SUWHANOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# Meýletinçiler halkara ýaryşynda

Ozal habar berlişi ýaly, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň 250-si Kuraş boýunça XIV dünýä çempionaty üçin meýletinçilige saýlanyp alyndy. Şolaryň 70-si Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyp ýaşlarydyr. Meýletinçi talyp ýaşlar Çempionatyň başlanýan günlerine çenli bolan döwürde okuw-tanyşdyryş sapaklaryna yzygiderli gatnaşyp, myhmanlara 14 ugur boýunça hyzmatlary bermegiň usullaryny özleşdirdiler. Olaryň 50-si myhmanlara dilmaçlyk hyzmatlaryny berjaý etdiler.

Paýtagtymyzyň myhmanlaryna türkmen myhmansöýerlik däpleri esasynda hödür-kerem edilmek bilen bir hatarda dilmaçlar tarapyndan özleşdirilen mylakatlylyk, süýjüdillilik bilen ýurdumyzyň aýratynlyklary, milli gymmatlyklarymyz, gülläp ösýän oba-şäherlerimiz barada gyzykly gürrüňler berildi. Myhmanlaryň boş wagtlarynda olaryň ýörite maksatnama esasynda Aşgabat, Arkadag şäherlerimiziň gözelliklerine gezelençleri guraldy. Bu işde hem meýletinçi talyp ýaşlarymyz ilkinjileriň hatarynda dilmaçlyk hyzmatlaryny ýerine ýetirdiler.

Annajemal AMANMYRADOWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 1-nji ýyl talyby.



# Aşgabatda geçen Kuraş boýunça dünýä çempionaty



Dinara ROZYKULOWA, Çempionatyň altyn medalynyň eýesi:

— Men bu ýaryşlarda öz agram derejäm boýunça garşydaşlarymy ýeňip, Çempionatyň altyn medalyna eýe boldum.

Gazanan şu belent derejäm üçin men, ozaly bilen, biz — ýaşlara ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza ýürek alkyşymy beýan edesim gelýär. Biz geljekde-de özümiz barada edilýän aladalara mynasyp jogap edip, hormatly Prezidentimiziň sport diplomatiýasyny dünýä ýaýýan çykyşlarymyz bilen ýurdumyzyň sport abraýyny gorarys. Biziň ähli ýeňişlerimiz — Watanymyzyň şanyna!



Mariýa LOHOWA, Çempionatyň altyn medalynyň eýesi:

— Men 70 kilograma çenli agram derejisinde çykyş edip, bu ýokary dereje mynasyp boldum. Bu ýetilen belent basgançakda, ozaly bilen, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň biz — türgenler üçin edýän yzygiderli tagallalarynyň möhüm orny bar.

Özümiz barada döwletimiz tarapyndan edilýän aladalara jogap edip, geljekde-de ýeňişler bilen Watanymyzyň abraýyna abraý goşarys.

Bize ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, döwletli işleri hemişe rowaç bolsun!



Wepa AWLÝAKULYÝEW, Çempionatyň altyn medalynyň eýesi:

— Men Çempionatda öz agram derejämde altyn medalyň eýesi boldum. Şeýle abraýly dereje mynasyp bolmagymy men ilkinji nobatda ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan döredilip berilýän giň şertler bilen düşündirýärin.

Men gazanan ajaýyp netijelerimiz bilen Gahryman Arkadagymyzy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzy, ildeşlerimizi, janköýerlerimizi begendirip bilen bolsak, örän şatdyryn. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, döwletli işleri hemişe rowaç bolsun!



Sabina KADYYROWA, Çempionatyň altyn medalynyň eýesi, milli ýygyndy toparymyzyň iň ýaş türgeni:

— Özümiň ynam bildirilip, şeýle abraýly halkara sport bäsleşigine gatnaşandygym üçin men, ozaly bilen, Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize ýürek alkyşymy beýan edesim gelýär.

Men final oýunlarynda garşydaşlarymy ýeňip, öz agram derejämde altyn medalyň eýesi boldum. Ýeňiş gazanmagymda maňa esasy itergi beren güýç mahriban Watanymyza bolan çuňňur söýgim, tälimçilerimiziň beren tälimleri boldy. Men Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň, ildeşlerimiziň ynamyny ödändigim üçin bagtly türgenleriň biri.



Daýanç ÖMIROW, Çempionatyň altyn medalynyň eýesi:

— Men 81 kilograma çenli agram derejesinde çykyş edýän garşydaşlarymy ýeňip, Çempionatyň altyn medalyna mynasyp boldum. Bu pursatlar meniň üçin unudylmajak pursatlar boldy. Gahryman Arkadagymyzyň döredijilik ylhamynyň miwesi bolan Arkadag şäherinde bina edilen sport toplumlarynda türgenleşenimizde-de, Çempionat üçin saýlama oýunlara gatnaşanymyzda-da, meniň aň-düşünjämi, höwesimi diňe bu Çempionatda ýeňiji bolmak duýgulary gurşap alypdy. Ahyry şu aýgytlaýjy pursatlarda men şol maksadyma ýetdim. Men Garaşsyz Türkmenistan döwletimiziň iň bagtyýar türgenleriniň biri.

# HOŞALLYK MASLAHATY GEÇIRILDI

Ýurdumyzda geçirilýän iri sport baýramçylygynyň — Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynyň öňüsyrasynda Türkmenistanyň 2023 — 2027-nji ýyllar üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň Bedenterbiýe we sport boýunça Hökümetara komitetiniň düzümine saýlanandygy barada hoş habaryň gelip gowuşmagy ähli ildeşlerimizi belent buýsanja besledi. Bu şanly waka mynasybetli, Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti bilen Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň bilelikde guramagynda hoşallyk maslahaty geçirildi.

Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň mejlisler zalynda geçirilen hoşallyk maslahatynda Türkmenistanyň 2023 — 2027-nji ýyllar üçin ÝUNESKO-nyň Bedenterbiýe we sport boýunça Hökümetara komitetiniň (CIGEPS) agzalygyna biragyzdan saýlanandygy barada «Watan» habarlar gepleşiginde berlen hoş habaryň ähmiýeti, hormatly Prezidentimiziň alyp barýan sport diplomatiýasynyň eýe bolýan täze-täze üstünlikleri babatda buýsançly gürrüňler edildi.

Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasynyň (ÝUNESKO-nyň) ştab-kwartirasyndan gelip gowşan hoş habar, döwlet Baştutanymyzyň: «Biz muňa ýurdumyzyň alyp barýan oňyn bitaraplyk daşary syýasatynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giňden goldaw tapýandygynyň aýdyň subutnamasy hökmünde baha berýäris» diýip belleýşi ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlamagy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň mynasyp dowam etdirmegi esasynda, Türkmenistanyň halkara giňişliginde günsaýyn artýan abraý-mertebesine şaýatlyk edýär.

Hoşallyk maslahatynda çykyş edenler bu barada aýratyn belläp geçdiler.

Jeren ABDULLAÝEWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.

# ÝAŞLAR BIZIŇ GELJEGIMIZ

Hemmämiziň bilşimiz ýaly, ýurdumyzda geçirilen Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynda taryhy wakalara şaýat bolduk. Halkara ýaryşda Kuraş boýunça Milli ýygyndy toparymyzyň türgenleri üstünlikli çykyş edip, 5 altyn medal, 6 kümüş medal, 4 bürünç medal gazandylar.

Dünýä çempionatyna gatnaşýan türgenlerimiziň arasynda mekdep okuwçysy Sabina Kadyrowanyň 78 kilogram agramda çykyş edip, baýrakly 1-nji orna — altyn medala mynasyp bolmagy ähli halkymyzyň durmuşynda ýatdan çykmajak taryhy pursatlaryň biri boldy. Munuň özi ýurdumyzyň sport äleminde ýokary sepgitlere ýetjekdiginiň, ýaşlarymyzyň türkmen tuguny has-da belentde parlatjakdygynyň aýdyň beýanydyr.

Şeýle eşretli zamanada ýaşamaga, ýaşlarymyzyň gazanýan üstünliklerine buýsanmaga, öz saýlap alan hünärimizde ökde hünärmenler bolup ýetişmegimiz üçin ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden çykýan alkyşlarymyzy aýdýarys. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, alyp barýan beýik işleri elmydama rowaç bolsun.

Maksat BAÝRAMGULYÝEW,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instiitutynyň sport žurnalistikasy hünäriň talyby.

# Mediaforum geçirildi



Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynyň tamamlanmagy bilen, 29-njy noýabrda Paýtagtymyzda ýerleşýän Sport myhmanhanasynda halkara ýaryşyň jemlerine bagyşlanan mediaforum geçirildi.

Bu çärä Halkara Kuraş Assosiasyýasynyň (IKA), göreşiň bu görnüşi boýunça Afrika bileleşiginiň (AKU) we Ýewropa konfederasiýasynyň (EKC), Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň, Milli Olimpiýa Komitetiniň, Kuraş federasiýasynyň, Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň ýolbaşçylary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, talyp ýaşlar gatnaşdylar.

Mediaforumyň başynda Halkara Kuraş Assosiasiýasynyň Prezidenti Haýdar Farman paýtagtymyzda geçirilen çempionatyň üstünlikli tamamlanmagy bilen ýygnananlary gutlady. Bellenilişi ýaly, Çempionatda 4 yklymyň 45 ýurdundan 181 türgen 15 sany medal toplumy ugrunda bäsleşdi.

— Türkmenistanyň has uly netijelere-de ýetjekdigine ynanýaryn. Türkmenistan — sporty we sagdyn durmuş ýörelgesini ösdürýän ýurt. Adamlaryň sport bilen meşgullanmagy hem-de sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermegi üçin ähli şertler döredilipdir. Munuň özi örän ajaýyplyk — diýip, Halkara Kuraş Assosiasiýasynyň Baş sekretary Reza Nassiri mediaforumda eden çykyşynda belläp geçdi.

Mediaforumda bellenilip geçilişi ýaly, bu halkara derejesinde geçirilen ýaryşa 40-dan gowrak döwletiň 130-a golaý köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri geldiler. Oýunlaryň gidişi Ýuwaş umman teleradiogepleşikler birleşiginiň «Asiavision» habarlar toparynyň Halkara habarlar merkeziniň ýaýlyma beriş kompaniýalarynda beýan edildi.

**Arzuw ŞAÝYMOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**



# DÜNÝÄ DEREJELI ÝARYŞLAR
## ýa-da oňa belent dahyllylyk

**(publisistik oçerk)**

Häzirki günlerde ýokary guramaçylyk derejesinde taýýarlykly gelen çärämiz bolan Kuraş boýunça XIV dünýä çempionaty, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallasy bilen dünýä ýaň salan, dünýäde dostlugyň, doganlygyň, agzybirligiň, jebisligiň barha berkemegine gönükdirilen çäreleriň biri hökmünde hakydanyň altyn sahypalaryna girip gider. Milli türgenlerimiz bu abraýly halkara bäsleşiginde üstünlikli çykyş edip, döwletimiziň ýaşyl Tuguny ýene-de bir mertebe belentde parladarlar.

Kuraş özbek halkynyň milli göreşi hasaplanýar. Ýöne ýurdumyzyň Lebap welaýatynyň Amyderýa, Dostluk, Hatap, Burdalyk, Hojambaz ýaly obalarydyr etraplarynda kuraş görnüşine meňzeş «ýaka göreşi» diýen göreş gadymlardan şu günki bagtyýar zamanamyza çenli tutulyp gelinýär.

Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynyň resminamalary bilen tanyş bolanyňda, kuraşyň üç ýarym müň ýyla golaý taryhynyň bardygyny, ýöne XX asyryň soňky onýyllyklarynda onuň Özbegistan Respublikasynyň Hökümeti we sport hünärmenleri tarapyndan ymykly işlenilip, halkara derejeli ýaryşlaryň talaplaryna laýyk getirilenligini görýärsiň. Belki, biziň halkymyzda dowam edip gelýän ýaka göreşi kuraşyň şol gadymdan dowam edip gelýän halky görnüşi



bilen bir görnüşdir. Asyrlaryň dowamynda ýakyn goňşulykda oturylmagy, hoşniýetli barşyp-gelşilmegi, belki, iki doganlyk halkyň toý däp-dessurlarynyň, gündelik edim-gylymlarynyň birek-birekden tejribe almagy esasynda ýakynlaşmagyna şert döredendir.

Özbaşdak gyzyklanmalarymyz esasynda Lebabyň obalarynyň sport hünärmenleri, pälwanlary bilen gürrüňdeş bolanymyzda, biz bu pikirimiziň hakykata ýakyndygyna has-da göz ýetirdik. Meselem, kuraş görnüşi boýunça tutluşyga çykýan pälwanlaryň egninde don görnüşinde uzyn edilip tikilen «ýaktak» diýen lybas bolýar. Ol türkmen dilinde «ýektaý» diýmekdir. Türkmen obalarynda tutulýan toýlarda hem pälwanlar eginlerine «ýektaý» geýýärler.

— Iki halkda hem göreşiň bu görnüşi toýlarda tutulýan göreş hökmünde ykrar edilendir. Lebap obalarynda toýlarda ýaka göreşiniň tutulmagyna «Göreş toýy» diýlip hem at berilýär — diýip, gürrüňdeş bolan halypa sport tälimçilerimiz aýdýarlar. — Toý eýeleri tarapyndan göreş toýuny tutmak üçin açyk howada, giň ýerde ýörite meýdança taýýar edilýär. Göreş toýuna goňşy obalardyr etraplardan hem pälwanlar çagyrylýar.

Gürrüňdeşlerimiziň beren maglumatlarynyň üstüni özümiziň Lebap welaýatynyň obalarynda bolup synlan pursatlarymyz bilen ýetirip aýdanymyzda, göreş toýy, adatça, agşamdan başlanyp, daňdana çenli dowam edip bilýär. Ýaka göreşinde hem edil kuraşyň halky görnüşindäki ýaly, göreş tutjak pälwanlaryň agram derejeleri talap edilmeýär. Ilki kiçi ýaşly, soňra ýetginjek pälwanlaryň göreşi dowam edýär. Olarda ýeňiji bolanlara ýaş aýratynlyklaryna görä baýraklar goýulýar. Göreş tutmak gezegi atly pälwanlara ýeteninde göreş toýunyň şowhuny has-da artýar. Uly baýraklar goýulýar. Meselem, göreşe sekiz pälwan gatnaşsa, ilki olar ikibir göreşýärler. Ýeňlen pälwanlar göreş meýdanyndan çykyp, ýeňen pälwanlar özara göreşýärler.

Çagalykda şeýle göreş toýlarynyň birinde şaýat bolan baş baýrak ugrunda göreşimiziň



şertlerini ýatlap geçesimiz gelýär. Baş baýrak yglan edileninde, şol baýrak üçin göreşmäge welaýat boýunça iň güýçli diýlip ykrar edilen pälwanlaryň biri orta çykdy. Onsoň orta ýaglyk atyldy. Pälwanlardan haýsysy baş baýrak üçin şol pälwan bilen göreşmäge çykjak bolsa, şol ýaglygy ýerden galdyrmalydy. Ýöne hiç kim orta çykyp, ýaglygy ýerden galdyrmady. Şeýlelikde, baş baýrak ilki orta çykan pälwana berildi.

Häzirki döwürde dostlukly Özbegistan Respublikasy tarapyndan öňe sürlen kuraş göreşi halkara jemgyýetçiligi tarapyndan şeýleki giňden ykrar edilmä eýe boldy. Hatda sportuň bu görnüşinde bäsleşik özbek dilinde alnyp barylýar. Tutluşyga başlajak pälwanlar ilki birek-birege hormat goýup, baş egip, tagzym edip salamlaşýarlar. Oňa özbek dilinde «tazim» diýilýär. Emin: «Kuraş» diýse, ol tutluşyga başlamalydygyny habar berýär. Türkmen dilinde saklanmagy, togtamagy aňladýan «tohta» diýen söz tutluşygy saklamak hakynda buýruk bolup ýaňlanýar. Eger-de emin: «Wagt» diýse, ol tutluşygy tamamlamaly wagtyň bolandygyny aňladýar.

Dili, däp-dessurlary, medeniýeti örän ýakyn bolan halklarymyzyň arasynda dowam edip gelýän dost-doganlyk gatnaşyklary öňde boljak Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynda has-da berkär, has-da ýakynlaşar diýip ynanýarys. Ýurdumyzda sportuň, dost-doganlygyň dabaralanmagyna, ähli



halklymyzyň, şol sanda biz — talyp ýaşlaryň şeýle iri halkara çärelerine dahylly bolmagymyza giň ýol açýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, döwletli başlangyçlary hemişe rowaç bolsun.

**Madina MAHMUDOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 5-nji ýyl talyby.**

# MAKSADA ADALATLY ÝETMEK

Kuraş boýunça dünýä çempionatyna

(oçerk)

### Giriş

Şindiler dünýäde ykrar edilen sport oýunlarynyň döreýiş taryhy bilen gyzyklansaň, olaryň her biriniň hem ilki haýsydyr bir halkyň milli sport



ýa-da milli oýun görnüşlerinden gözbaş alyp gaýdýandygyny görmek bolýar. Ählumumy sport görnüşi hökmünde kemala geliş ýolunda oňa sebitiň, dünýäniň beýleki halklarynyň türgenleriniň, tälimçileriniň ýa-da dürli sport federasiýalarynyň, klublarynyň girizen bölekleri sportuň kämil görnüşe ýetmegine möhüm badalga bolýar.

Kuraş sportunyň taryhyna ser salanyňda, onuň gadymy döwürde häzirki Özbegistan Respublikasynyň çäginde ýaşan halklaryň söweş sungatynyň bir görnüşi bolup kemala gelendigini görmek mümkindir. Ylmy çeşmeleriň tassyklamagyna görä, «kuraş» özbek dilinde «maksada adalatly ýetmek» diýmegi aňladýar. Soňky ylmy gözlegler kuraşyň ýaşynyň azyndan üç ýarym müň ýyla barabardygyny tassyklaýar.

### Oýnuň şertleri

Oýnuň kadalaryna laýyklykda, kuraş göreşi diňe dik ýagdaýda tutulýar. Ýere ýykylynan halatynda hereket etmek gadagan edilýär. Tutluşyk wagtynda garşydaşlaryň biri-birini zyňmagyna, aýaklaryna kakmagyna rugsat berilýär.

Sportuň bu görnüşinde garşydaşyňy eliň bilen gapmak, aýagyň bilen urgy bermek, bilden aşagyny gapmak we urmak tehnikalaryny ulanmak gadagandyr.

Seredip otursaň, tutluşygyň rugsat berilýän tehnikalary bilen gadagan edilýän hereketleriniň sany biri-birinden az däl ýaly. Ýöne üns beriň görseň, hut şu rugsat edilmeler, şu gadaganlyklar oýnuň gyzykly bolmagyny, aýdylyşy ýaly, oýunda adalatly ýeňmegi üpjün edýän sebäpler bolup durýar. Galyberse-de, sportuň gözellikdigine uýýan tomaşaçylaryň gözellige teşne göwünlerini gandyrýar.

### Gysga maglumatlary

Kuraş boýunça dünýä çempionaty ilkinji gezek 1999-njy ýylyň maý aýynda doganlyk Özbegistan Respublikasynyň Daşkent şäherinde uly ýaşly türgenleriň arasynda geçirilýär.

Sportuň bu ýaş görnüşi boýunça çykyş etjek pälwanlar üçin ak reňkli jalbar we erkek adamlar üçin laýyk biçüwde giň edilip tikilen köýnek ýörite lybas hökmünde tassyklanýar. Elbetde, häzirki döwürde garşydaşlary biri-birinden tapawutlandyryp tanamak üçin olara dürli reňkdäki sport lybasy hem geýdirilýär. Ýöne lybasyň esasy göz öňünde tutulan aýratynlygy pälwanyň bilinde garşydaşyň tutmagy üçin süýümden dokalan guşagyň bolmagydyr.

Kuraş boýunça tutluşyklar galyňlygy azyndan 5 santimetr bolan we üç bölege bölünen ýörite düşekde geçirilýär.

### Aziýanyň sporty



Her bir ynsanyň, her bir janly-jandaryň, her bir ösümligiň dünýä iniş, ösüş pursatlary bolşy ýaly, kuraş görnüşiniň biziň zamanamyzda hem ösüş taryhy bar. Doganlyki özbek topragynda kuraş göreş stilinde tälim alan ýerli türgenleriň köpüsi beýleki sport görnüşlerine geçip, halkara ýaryşlarynda çempionlyga we medallara eýe bolupdylar. Häzirki zaman kuraş görnüşiniň düýbüni tutujy türgen Komil Ýusupow hem ilki bu ýoldan gidipdir. Özbek atleti sambo we dzýudo boýunça halkara ussatlygyna eýe bolup, şol döwürde SSSR-iň Olimpiýa dzýudo toparynda üstünlikli çykyşlary bilen ýurduň abraýyna abraý goşupdyr.

1980-nji ýylda şahsy durmuşyndýüze çykan sebäpler Komil Ýusupowy Moskwa Olimpiýa oýunlaryndan çetleşip, dogduk mekana dolanmaga mejbur edipdir. Ol mähriban Watanynda milli kuraş göreşini halkara sport görnüşine öwürmegi maksat edinýär. Ussat türgen kuraşyň Olimpiýa oýunlarynyň sanawyna girmegini isleýärdi.

Şeýlelikde, ol kuraş göreşiniň düzgünlerini kesgitlemegiň üstünde işläp başlaýar. Ol Olimpiýa oýunlarynyň çäginde dürli sport ugurlarynyň düzgünlerini gaýtadan ilik-düwme öwrenýär. Netijede, Komil Ýusupow tarapyndan kesgitlenen düzgünler müňýyllyk kuraş sportunyň däplerini häzirki sport şertleri bilen eriş-argaç baglanyşdyrýar. Bu ugurda agram derejelerini, kuraş hereketlerini, degişli adalgalar ulgamyny öňe sürýär. Türgenleriň we eminleriň sport lybaslarynyň görnüşlerini we häzirki zaman sporty bilen aýrylmaz baglanyşykly beýleki jikme-jiklikleri işläp taýýarlaýar.

Ýurduň Prezidentiniň goldawy bilen, 1992-nji ýylda ilkinji gezek Kuraş boýunça halkara ýaryşlary geçirilip, ýeňijilere ýurduň Prezidentiň adyndan baýraklar gowşurylýar. Ilkinji bäsleşik orta asyr hökümdary Teýmiriň ýadygärligine bagyşlanypdy. 1998-nji ýylyň 6-njy sentýabrynda Özbegistanyň paýtagty Daşkent şäherinde, 28 ýurtdan gelen toparlaryň gatnaşmagynda, Halkara Kongres geçirildi. Onda Komil Ýusupowyň Halkara Kuraş Assosiasiýasy atly täze halkara guramasyny döretmek barada başlangyjyny biragyzdan goldamak barada çözgüde gelindi. Kongresde kuraş üçin halkara düzgünleri hem kabul edildi.

Şeýlelikde, 1998-nji ýyldan bäri dünýäniň bäş yklymynda: Afrikada, Amerikada, Ýewropada, Aziýada we Ýuwaş umman ýurtlarynda Kuraş konfederasiýalary açyldy we jemi 136 sany milli Kuraş federasiýasy döredildi.

2003-nji ýylda kuraş Aziýanyň sporty hökmünde ykrar edildi we resmi taýdan Aziýa oýunlary, Aziýa kenar oýunlary we Aziýa söweş sungaty ýaly Aziýanyň yklym oýunlarynyň ählisiniň sanawyna goşuldy.



2017-nji ýylda türkmen paýtagtynda geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň sanawyndan hem kuraş mynasyp orun aldy.

### Şu güni we geljegi

Gadymda Merkezi Aziýada kuraş göreşiniň usuly, däp-dessurlary, düzgünleri we pelsepesi atadan-ogla we nesilden-nesle geçip, biziň günlerimize gelip ýeten bolsa, häzirki döwürde ol dünýäniň sport ugurly mekdeplerinde özbaşdak hünär hökmünde öwredilýär. Bu görnüşiň halkara derejeli türgenleri,



tälimçileri, eminleri we beýleki hünärmenleri bar.

Häzirki wagtda kuraşy Ýewropa oýunlaryna we Yslam raýdaşlyk oýunlaryna goşmak boýunça işler dowam edýär. Ahyrky maksat kuraşyň tomusky Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasyna gatnaşmagy.

Üstümizdäki aýda paýtagtymyz Aşgabatda geçiriljek Kuraş boýunça dünýä çempionaty bu ugur boýunça hünärmenleriň kämilliki derejesini görkezmek bilen birlikde, kuraş görnüşiniň sportuň neneňsi kämillik basgançaklaryna ýetendigini dünýä ýaýmakda hem möhüm waka öwrüler diýip garaşmak bolar.

**Geldimyrat SOLTOWOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**

# TALYP ŽURNALISTLERIMIZIŇ DÖREDIJILIK IŞI

23 — 28-nji noýabry aralygynda bolup geçen Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatyny öňünden mynasyp wagyz etmek babatda institutyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyp ýaşlarynyň öňünde goýlan tabşyryklara laýyklykda, ady agzalan hünäriň dürli ýyllarynda okaýan talyplary yzygiderli döredijilik işlerini alyp bardylar.

Tükmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň «7/24.tm» elektron goşundysynyň 06. 11. 2023 ý., 13. 11. 2023 ý., 20. 11. 2023 ý., 27. 11. 2023 ý. sanlarynda Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatyny we kuraş sport görnüşini wagyz edýän talyp ýaşlaryň jemi 9 çykyşy, institutyň mugallymlarynyň 2 çykyşy berildi.

Tabşyrygy ýerine ýetirmek bilen bir wagtda döredijilik gözýetimlerini we iş endiklerini kämilleşdirýän talyp ýaşlar öňde agzalan çykyşlarynda žurnalistikanyň oçerk, publisistik oçerk, taryhy we döredijilik keşbine ştrihler, esse, söhbetdeşlik (interwýu), gürrüňdeşlik (beseda), täze kitaba syn ýaly häzirki döwürde seýrek ulanylýan formalaryna ýüzlenip, kuraş görnüşiniň döreýiş taryhy, şu günki ösüşleri barada okyjylaryň gözýetimini giňeldýän maglumatlary, oýlanmalary, seljermeleri çeper beýan etdiler.

Oýunlar döwründe talyp žurnalistleriň taýýarlan 40-dan gowrak dessin habary saýtlarda, «7/24.tm» elektron goşundysynda çap edildi.

Mamagül JORAÝEWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.

Milli sportuň döreýiş we ösüş taryhyndan

# HER MEJLISDE ULY ADY

(Abu Bekr As-Sulynyň taryhy we döredijilik keşbine ştrihler)



GIRIŞ: As-Sadranjy — beýik küştçi

Gündogaryň beýik akyldary, küst oýnunynyň ussady, küşt oýny boýunça ilkinji resmi däl dünýä çempiony Abu Bekr ibn al Abbas as-Suly barada bilmek türkmen okyjylary üçinem, milli sportumyzyň taryhy bilen gyzyklanýan dünýä okyjylary üçin hem gyzyklydyr.

As-Sulynyň dana akyldar, arap dili boýunça filolog, dünýä belli meşhur küştçi bolandygy aýdylýar. As-Suly 40 ýyl Gündogaryň dürli ýerlerinden gelen güýçli garşydaşlary ýeňip. «As-Sadranjy» — «Beýik küştçi» diýen ada eýe bolýar. Ol döredijilik işi bilen hem yzygiderli meşgullanypdyr. Şol sebäpli bu beýik şahsyýet taryhçy we edebiýatçy hökmünde hem giňden tanalýar. Şeýle-de, ol görnükli kitaplary ýygnaýjy (bibliofil), meşhur ýazyjy, şahyr, küşt oýnunyň ýyl ýazgysyny düzüjisi we wagyzçysy hasaplanýar.

## Ömür terjimehaly

Häzire çenli öwrenilen ylmy çeşmelerde As-Sulynyň dünýä inen senesi barada habar berýän anyk maglumat ýokdur. Munuň sebäbini ussadyň ýaşan musulman jemgyýetinde şahsyýetleriň dünýä inen senesine görä, dünýeden öten senesini hasaba almagyň has ýörgünli bolandygy bilen düşündirmek bolardy.

As-Sulynyň gorganly türkmenlerden bolandygy barada takyk güwä geçýän çeşmeler şu günki günlerem giňden ýörgünlidir. Ol VI asyryň ortalarynda Türkmenistandan Türkmensähra göçüp baran türkmen taýpalarynyň baştutany Sul hökümdaryň ýuwlugy bolupdyr. Sul hökümdar ýurda araplaryň gelmegine çenli Gorgan şäherinde ýaşapdyr we Sasanylaryň bu ýerdäki welaýatyna häkimlik edipdir. Sasany döwletiniň synmagy netijesinde, Sul köp sanly garyndaşlary bilen Tigr derýasynyň boýuna, geljekki Arap halyflygynyň paýtagty Bagdada göçüpdir. Şeýlelikde, onuň bäşinji arkasy bolan As-Suly asly bagdatly bolup dünýä inýär we ömrüniň köp bölegini Bagdatda ýaşaýar,



## Döredijilik dünýäsi

Ömür terjimehalyna üns bereniňde, bu ussadyň VII asyrlarda ýaşan Sul hökümdaryň bäşinji arkasy boljak bolsa, çak bilen şondan ýüz elli-iki ýüz ýyl töweregi soň, ýagny VIII asyryň ahyrlarynda — IX asyryň başlarynda bu goja Zeminiň üstünden gadam urup gezendigini çak etmek bolardy. Bu orta asyrlar eýýamy ussadyň ýaşan döwrüni beýleki dünýä belli türkmen we Gündogar alymlary Omar Haýýamyň, Ibn Sinanyň, Al Biruniniň, Al Horezminiň, Al Farabiniň ýaşan ýüzýyllyklaryna ýakynlaşdyrýar. Mälim bolşy ýaly, bu alymlaryň her biri ylmyň ondan gowrak görnüşi boýunça alymlyk derejesine ýetip, ýigrimä golaý ugur boýunça dünýä meşhur eserleri ýazypdyrlar. As-Suly olar bilen durmuşy taýdan bir ýagşylar mejlisine jemlenmedigem bolsa, ylma sarpa goýan ynsanlaryň aňynda, ruhunda hemişe şol akyldarlar bilen bir mejlisde jemdir. Özi hem şol mejlisde ady her kimleriňkiçe uludyr, hormatlydyr.

As-Sadranjy adyna eýe bolan As-Suly küşt barada «Kitab al-Awrak» we «Kitab al-Şidpanjdan» ýaly meşhur işlerini kitap görnüşinde ýaýratmak bilen bir wagtda orta asyr Abbasylar taryhyna, edebiýatyna bagyşlap hem köp işleri ýazypdyr. Olardan «Edep barada kitap» («Adab al-kuttabi»), «Abbasyň durmuşy barada we onuň şahyrana döredijiligi» («Kitab al-aurak fi ahbar al-



Abbas wa aş'arihim») ýaly eserler Abbasylaryň taryhyna bagyşlananlardyr. Bu kitaplara Abbasylaryň taryhy barada maglumatlar bilen bir wagtda halyflaryň maşgala agzalary hakynda ýazgylar we şol döwrüň şahyrlarynyň şygyrlary girizilendir.

As-Sulynyň «Ibragim ibn al-Mähdi we onuň şygyrlary barada kitap» («Kitab ahbar Ibrahim ibn al-Mahdi wa aş'arihi») we «Abdallah ibn al-Mutazzanyň şygyrlary barada kitap we onuň özi barada maglumat» («Kirab aş'ar Abdallah ibn al-Mu'tazz wa ahbarihi») ýaly ktaplarynda şol döwrüň şahyrlarynyň eserlerine dürli nukdaýnazardan ýazylan synlar ýerleşdirilipdir, şygyrlaryň redaktirlenen görnüşleri ýerleşdirilipdir.

Bu maglumatlar As-Sadranjynyň döredijilik işiniň ussadydygyny aýdyň subut edýär. Çünki As-Sulynyň zamanasynda doglup, döwürdeş söz ussatlarynyň, akyldarlarynyň ýazan eserlerine düzediş girizmek, syn bermek asla ýeňil iş däldir.

## Jemleme

Häzirki wagtda paýtagtymyzdaky Ylham seýilgähinde As-Sulynyň ýadygärlik heýkeli özüne mynasyp orny eýeläp dur. Ildeşlerimiz bilen bir hatarda dünýäniň dürli künjeklerinden gelýän syýahatçylarynyň nazary bu heýkelde eglenýär. Bu beýle bolmzça-da däl. Küşt oýnunyň ýüze çykmagyna 2 müň ýyl töweregi bolupdyr diýen ylmy çaklama esaslansak, biz onuň soňky müň ýyldan gowrak ömrüniň dowamynda kämillige ýetendigini tassyklap bileris. Çünki bu döwürde meşhur türkmen küştçüsi As-Suly ýaşapdy, işläpdi, döredipdi. Bu akyldaryň sadranç hakynda ýazan kitabynyň birinjisine «Tabyý» (Oýnuň başlangyjy), ikinjisine «Mansub» (Oýnuň gutarylyşy) diýlip at berlipdir. 1140-njy ýylda ýazylan hasap edilýän, Stambulda saklanylýan «Küşt hakynda kitap» atly gadymy golýazmada Al-Adlynyň, As-Sulynyň we beýleki ussatlaryň eserlerinden saýlama ýazgylar ýerleşdirilipdir.

Oýnuň wagtyna çäklendirmeler girizmek üçin ilkiler ýörite gumsagatlardan peýdalanylypdyr. Iňlis küştçüsi we janköýeri T.Wilsonyň ýörite küşt sagadyny oýlap tapmagy bilen, bu iş has-da ýeňilleşýär.

Häzirki ajaýyp zamanamyzda milli küştçülerimiz Dünýä we Aziýa çempionatlarynda baýrakly oýunlary eýeleýärler. As-Sulynyň — As-Sadranjynyň asly Watanynda munuň başgaça bolmagy mümkin hem däl. Çünki ýaş türgenlerimiz özleri üçin Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hemişelik aladalaryny her bir pursatda, her ädimde duýup duryarlar.

Agabaý AKMYRADOW,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.

# MÖHÜM OKUW-USULY GOLLANMA

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz iri sport çäreleriniň, halkara ýaryşlaryň we çempionatlaryň geçirilýän ýerine öwrülýär. Paýtagtymyzyň gözelligine görk goşýan, sebitde, belki-de dünýäde özüniň ajaýyplygy bilen tapawutlanýan Olimpýa şäherçesinde geçiriljek Kuraş boýunça XIV dünýä çempionaty bu aýdylanlara aýdyň mysallaryň biridir.

Häzirki günlerde milli türgenlerimiz bu dünýä derejeli sport bäsleşigine ýokary depginlerde taýýarlyk görýärler. Halypa tälimçiler, professor-mugallymlar tarapyndan olaryň ylmy esasda taýýarlyklaryna hem aýratyn üns berilýär. Ýakynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň «Sportuň göreş görnüşleri» kafedrasynyň mugallymlary Döwletgeldi Jumaýewiň, Welmyrat Hojamyradowyň, Rahat Kurbanowyň, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi Dörtguly Jumaýewiň bilelikde taýýarlamaklarynda, «Sportuň kuraş görnüşiniň nazaryýeti» atly okuw kitabynyň çap edilmegi-de bu aýdylanlara aýdyň şaýatlyk edýän ýagdaýdyr.

Kitapda başa-baş söweş sungatynyň iň meşhur görnüşleriniň biri bolan kuraş göreşi boýunça Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde we dünýä möçberinde ýaryşlaryň geçiriliş tärleri, usullary barada gyzykly maglumatlar jemlenipdir. Şeýle-de onda kuraş boýunça ýaryşlary geçirmegiň häsiýeti we usullary, ýaryşa gatnaşýan türgenler, olaryň özlerini alyp baryşlary, ýaryşlara eminlik etjek eminleriň iş düzgünleri, ýaryşlaryň geçjek ýerleriniň amatly hem göwnejaý bolmagy bilen baglanyşykly giňişleýin we gyzykly bilim maglumatlaryna giň orun berlipdir.

Häzirki wagtda sport görnüşleriniň arasynda kuraş görnüşiniň giň gerime eýe bolýandygyny, onuň Aziýa oýunlarynyň maksatnamasyna girizilendigini, bu görnüş boýunça yklymlaryň birinjilikleriniň we dünýä çempionatlarynyň geçirilýändigini bellemek bolar. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen, Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylymyzda ýurdumyzyň bu meşhur sport görnüşi boýunça XIV dünýä çempionatyny özünde kabul edýändigi aýratyn ähmiýete eýedir.

Gollanma talyp pälwanlaryň okuw sapaklarynda, şeýle hem milli türgenlerimiziň uly ýaryşlara taýýarlyk dşwürlerinde giňden peýdalanylar. Munuň özi ýudumyzda guralýan kuraş boýunça ýaryşlaryň ylmy we usuly taýdan has-da kämil bolmagyna, türgenlerimiziň we tälimçilerimiziň sportuň bu görnüşi boýunça ylmy we usuly taýdan gözýetimleriniň has-da giňemegine ýardam eder.

Türgenlerimize bu abraýly halkara ýaryşynda üstünlikleriň ýaran bolmagyny arzuw edýäris!

Gülnur BAÝLYÝEWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 2-nji ýyl talyby.

# DÖREDIJILIK DURMUŞYNYŇ SAKASYNDA




— Diňle, Gülnur! Şu aýda ýene-de bir hoş habar: Türkmenistanyň ÝUNESKO-nyň Bedenterbiýe we sport baradaky Hökümetara geňeşiniň agzalygyna saýlananlygy bar — diýip, Agabaý az-kem säginen ýaly etdi.

— Ol barada institutymyzda geçirilen hoşallyk maslahaty hakynda Jeren habar taýýarlady — diýip, Gülnur gutarylman goýlan sowalyň jogabyny pert berdi.

— Onda bolýar, men indi Annamyrady, Maraly, Üzümgüli alyp, teleýaýlymda guralmaly gepleşige ýetişeýin diýip, Agabaý çykyp gitdi...

Elbetde, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyplarynyň arasynda özüniň bilimi, zehini, başarnygy, guramaçylygy we döredijiligi bilen tapawutlanýan ýoldaşlarymyz barmak basyp sanardan kän. Şolaryň biri hem Bedenterbiýe fakultetiniň sport žurnalistikasy hünäriniň 3-nji ýyl talyby Agabaý Akmyradow. Institutymyzda dowam edýän asylly däbe görä, Agabaý Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylymyzyň oktýabr aýynyň jemleri boýunça «Aýyň žurnalisti» diýen hormatly ada eýe boldy.

Bu sada, zähmetsöýer, ukyply, başarnykly ýoldaşymyzy hemişe gaýnap duran işiň, döredijilikli başlangyçlaryň içinde gaýnap ýören pursady görüp bilýärsiň. Egindeş dostlary bolan biz onuň bilen teleýaýlymlarda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň howandarlygynda ýurdumyzda täze ösüş basgançaklaryna çykýan milli sportumyzy, sport diplomatiýamyzy wagyz etmek boýunça gepleşiklere gatnaşýarys. Çäräni sowup, ýaňy bir umumyýaşaýyş jaýymyzyň işiginden ätlänsiň welin, dostuňdan jaň geler. Habary hem dynç alyş wagtyňy nähili geçirmeli diýen mesele barada däldir. Ol ýa-ha: «Institutyň «Talyp sporty» atly gazetiniň redaksiýasyna gel, gazetiň işini gutaryş» diýer ýa-da: Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň redaksiýasyna, halypalaryň ýanyna gel, kömekleşmeli iş bar» diýer.

Dostlary bolan bizi hem sapaklardan daşary jemgyýetçilik ähmiýetli işlere çekip ýörşüne, haýran galaýmalydyr, özi hem ähli işiň jümmüşindedir, ähli işe ýetişýändir.

Sporta, sporty wagyz etmäge höwesli Agabaýy ilkinji bolup öz atasy, woleýbol boýunça ussat türgen Remezan Akmyradow terbiýeläpdi. Megerem, şondandyr, eýýäm Tagtabazar etrabyndaky 3-nji çagalar bagyna gatnaýan döwründen Agabaýyň sporta zehininiň, başarnygynyň bardygy aýdyň aýan bolup başlapdy. Ol etrapdaky 9-njy orta mekdepde okaýan döwründe, 6-njy synp okuwçysyka sportuň erkin göreş görnüşine ýöriteleşip başlady. Oňa bu ugurdan SSSR-iň sport ussady Nurmuhat Aganyýazow tälim berdi. Ilkinji gatnaşan ýaryşy 2001 — 2003-nji ýyllarda doglan ýetginjekleriň arasynda 2016-njy ýylda geçirilen Mary welaýatynyň açyk çempionaty bolupdy. Mary welaýat sport komitetiniň Grek-rim göreşi sport zalynda geçirilen bu açyk çempionatda Agabaý 1-nji orna mynasyp bolup, çempionatyň altyn medalyny dakyndy.

Sporta höwesli agtygynyň öýe abuna ýazylynyp gelýän «Türkmen sporty» gazetini hem elinden düşürmän okaýandygyny atasy Remezan aga içginlik bilen duýýardy. Gelni Gözel öz oglunyň sporta bolan höwesi bilen aşa gyzygyp, okuw sapaklaryna ünsüni gowşatmazlygy üçin, Agabaýy aýratyn üns bilen gurşap alýardy. Özüniň hünär ugry bolan türkmen dili we edebiýaty dersi boýunça hem ogly bilen özbaşdak ýumuşlaryň üstünde işleýärdi. Şol sebäpli, sapaklardan düzme, beýannama ýazmaly bolanynda, Agabaý deň-duşlaryndan hemişe saýlanýardy.

Belki, sport bilen döredijilik zehininiň özara utgaşmasy täsir edendir. Agabaý 2001 — 2003-nji ýyllarda doglan ýetginjekleriň arasynda 59 kilogram agram derejesinde Türkmenistanyň erkin göreş boýunça açyk çempionatynda 3-nji orna mynasyp bolup, ýaryşyň bürünç medalyny boýnundan asanyndan soňra, sporty wagyz etmek işlerine ymykly ünsüni gönükdirdi. Atasy Remezan aga bilen ejesi Gözel mugallymyň Agabaýyň geljekde saýlamaly hünär ugry babatda pikirleri Agabaýyň öz isleg-höwesi bilen gabat geldi. Şeýlelikde, Agabaý Akmyradow 2021-nji ýylda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Bedenterbiýe fakultetine sport žurnalistikasy hünärine okuwa girdi.

Institutymyzda talyplaryň sportda gazanýan üstünlikleri, sporty wagyz etmekde alyp barýan işleri barada gürrüň berýän «Talyp sporty» atly gazeti döretmeli bolanynda hem Agabaýyň ady ilkinjileriň hatarynda tutuldy. Sport žurnalistikasy hünäriniň işjeň talyplarynyň biragyzdan seslerini bermekleri bilen, ol «Talyp sporty» gazetiniň redaktorlygyna hödürlendi. Onuň bu işde ilkinji kömekçileri hem işjeň talyp ýoldaşlarymyz Gülnur Baýlyýewa, Madina Mahmudowa, Mamagül Joraýewa, Geldimyrat Soltowow, Jeren Abdyllaýewa dagy boldy. Bary-ýogy iki aý möhletiň dowamynda bu sanaw birnäçe esse artdy. Şonuň ýaly-da, gazetiň sahypalarynda öz döredijilik ukyp-başarnyklaryny, zehinlerini synap görmäge höwesli talyp ýaşlaryň sany haýran galdyryjy derejede ýokarlandy.

Ýazyp bolup, kompýuteriň öçürilýän nurbatyny basanymam şoldy, ýene-de dostumdan jaň gelýär:

— Tiz sport lybasyňy geýin-de, institutyň girelgesine gel. Arkadag şäheriniň sport desgalarynda guralýan gepleşikde çykyş etmeli.

Ynha, bu biziň her günde dowam edýän, arasy üzülmeýän talyplyk hem-de döredijilik durmuşymyzyň bir pursatlyjak keşbi, bir pursatlyjak beýany. Biz — Berkarar döwletimiziň bagtyýar talyp ýaşlary. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň sport diplomatiýasyny dünýä ýaýmakda öz ujypsyzja goşandymyzy goşýan zamanamyz üçin biziň Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň adyna aýdýan, dowamat dowama uzaýan alkyşlarymyz şol çykyşlarda öz beýanyny tapýar. Şol sebäpli, biz mydama ýollaryň başlangyjynda taýýar. Biz mydama ýolda.

Annamyrat HALMEDOW,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.



# ÖMÜRLERIŇ WE DÖWÜRLERIŇ BAGLANYŞYGY




Paýtagtymyzda geçiriljek Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatyna taýýarlyk işleriniň ýokary guramaçylyk derejesinde dowam edýän günlerinde internet sahypalarynda sportuň bu görnüşi bilen bagly dürli ýyllarda çap edilen maglumatlar bilen gyzyklanyp gördüm. Nazarym 2017-nji ýylda paýtagtymyzda geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aiýa oýunlary barada çap edilen resminamalarda, maglumatlarda eglendi. Öz-özüme: «Gel, men esse ýazaýyn» diýdim.

...Biz ol döwürde mekdep ýaşyndadyk. Teleýaýlymlarda edermen türkmen alabaýy Wepalynyň Oýunlaryň sanawyna girizilen 21 görnüşiniň her biri boýunça çekilen keşbi görkezilip, hersiniň ýanynda hem gysgajyk ugrukdyryjy ýazgylar okalardy. Men häzirki internet sahypalaryndan tapan şol ýazgylarymdan kuraş görnüşiniň ýanynda ýerleşdirilen setirleri gaýtalap okap görýän:

Başa-baş söweş sungatynyň gadymy görnüşleriniň biri bolan kuraşyň üç ýarym müň ýyllyk taryhy bar. Ol dürli toý-baýramçylyklarda pälwanlaryň ussatlyklarynyň özboluşly synagy bolup durýar. Bilini berk guşap, kuraş boýunça bäsleşýän Wepaly erjellik we ynamlylyk bilen garşydaşyny ýeňmäge çalyşýar. Ýaşyl reňkli sport lybasyndaky V Aziýa oýunlarynyň nyşany oňa has-da güýç-kuwwat berýär. Wepalynyň keşbinde kuraşyň «adalatly ýeňmek» diýen ýörelgesi şöhlelenýär.

Ýeňiş ýaranyň bolsun, Wepaly!..

«Esse» — «pikir tejribesi» diýmek. Mugallymyň düşündirmegine görä, hünärmen öz ömrüni bagyş eden hünäri boýunça anyk ýerine ýetirilen iş tejribesine eýe bolmak bilen bir wagtda şol hünär ugry boýunça pikir tejribesine hem eýe bolup bilýär. Ana, şol pikirlerde eýe bolnan tejribäniň kagyz ýüzüne geçmegine hem esse diýilýär.




Biz heniz ýaş adamlar. Heniz okap alýan sport žurnalisti hünärimiz boýunça-da, sport žurnalisti kärine gözükmek babatda hem tejribämiz juda azdyr. Ýöne bu azlygyň ornuny dolýan beýleki bir durmuşymyzyň dolulygy bar: biz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň bagtyýar talyp ýaşlary, geljekki hünärmenler. Biziň önüp-ösen, kemala ýeten döwrümiz Gahryman Arkadagymyzyň Garaşsyz Türkmenistan döwletimize baştutanlyk eden beýik döwri bilen baglanyşykly. Kämillik ýoluna urýan ynamly gadamlarymyz, hünär eýesi bolup ýetişýän pursatlarymyz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döwletimize baştutanlyk edip, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlaryny mynasyp dowam etdirýän, ýurdumyzyň ösüşlerini täze basgançaklara çykarýan döwri bilen baglanyşykly.

Wepaly Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynda türkmen türgenlerimize ruhy taýdan ýardam berip, ýeňişli menzilleri bagyş etdi. Ýene-de maglumatlara seredip görýän:

...V Aziýa oýunlarynda türkmen türgenleri çykyş edip, 87 kilogram agram derejesinde Şirin Kubaýewa 2-nji orna, +87 kilogram agram derejesinde Anna Dmitriýewa 2-nji orna we Leýla Aliýewa 3-nji orna mynasyp boldular.

Ine, bu hakykatdan hem ömürleriň we döwürleriň baglanyşygy. Bu sanawda ady tutulan milli türgenimiz Şirin Kubaýewa öňde boljak Kuraş boýunça dünýä çempionatynda türgen zenanlarymyza, gyzlarymyza tälimçilik edýär. Ýurdumyzda geçen hem-de geçmeli çäreleriň birinde Aziada nyşanly kuraş görnüşiniň ýaşyl hem-de gök reňkli lybaslarynda şekillendirilen Wepaly lybasyny Dünýä çempionatynyň nyşany ýerleşdirilen ýaşyl hem-de gök reňkdäki lybaslara çalyşýança, biziň ýaş türgenimiz indi tälimçilige ösüp ýetişipdir. Ol bu gün Halkara derejeli sport ussady, Türkmenistanyň at gazanan tälimçisi.

Şonuň ýaly-da, Aziýa oýunlarynda altyn, kümüş, bürünç medallary gazanan türgen zenanlarymyzdan Anna Lohowa, Aýnur Amanowa ýaly türgenlerimiz ýene-de döwletimiziň sport abraýyny goramak ýaly belent ynama eýe bolupdyrlar. Olaryň daşyny bu günki gün Çempionatyň ýaryşlaryna gatnaşmaga ygtyýarlylandyrylan Aýşirin Haýdarowa, Gülşat Annaýewa, Dinara Rozykulowa, Sabina Kadyrowa, Jahan Muhammedowa, Sabina Agajanowa ýaly milli güýçlerimiz gurşap dur.

Men Kuraş boýunça dünýä çempionaty bilen bagly taýýarlanylan resminamalara ünsümi gönükdirýän:

Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynyň nyşanynyň merkezinde Kuraş boýunça türgeniň şekili türkmen alabaýynyň keşbi bilen suratlandyryldy. Arkasynda ýerleşdirilen Ýer togalagynyň hyýaly görnüşi onuň dünýä derejesindäki çäredigindenhabar berýär. Olaryň ählisini Kuraş sportuna mahsus bolan guşakly halka gurşap alýar. Döwrebaplaşdyrylan şekiller Kuraş boýunça dünýä çempionatynyň nyşany üçin özboluşly we milli görnüş emele getirýär.

Ynha, bu meniň ömürleriň we döwürleriň




baglanyşygyna mysal getirjek bolan möhüm bir pursadym: biz — bagtyýar ýaşlar, tiz ösýän, tiz özgerýän zamanda ýaşaýarys. Biz bilen bile döwür hem, döwletimiz hem, jemgyýetimiz hem özgerýär. Biziň wepalylygyň, gaýduwsyzlygyň, gaýratlylygyň simwoly bolan Wepaly alabaýymyz hem biz bilen ähli ösüşlerimiziň, ähli özgerişlerimiziň ruhy ýardamçysy bolup, biz bilen gadamyny öňe sary düzüp barýar.

...Pikir edip görýän: «Men esse ýazyp bildimmi?! Maglumatyma-a kändi, ýa-da, diýseň-diýmeseň, durmuş, hünär tejribäm azlyk etdimikä?!» Eger kemter gaýdan bolsam, onuň sebäbini diňe bir ýakymly sebäp bilen düşündirip bolardy: biziň Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň tagallalary bilen ýeten ajaýyp durmuşymyzyň waspyny diňe bir gezek ýazylan essede beýan edip jemlemek mümkin däl. Şonuň üçin biz entek bilimde, hünärde, onsoňam pikirlerimizde gazanan tejribämiz bilen kän gezekler esse, oçerk ýaly çeper-publisistik žanrlara ýüzlenmeli bolarys.

Goý, biziň milli türgenlerimiziň döwletimiziň sport abraýyny gorap edýän her bir çykyşlary ýeňişleri beslensin. Bize okamaga, öwrenmäge, döretmäge giň mümkinçilikleri açyp berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, döwletli başlangyçlary hemişe rowaç bolsun.

**Şasenem AŞIROWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**






Redaktora derek
Madina
MAHMUDOWA.

REDAKSIÝANYŇ GEŇEŞI:

J.Abdyllaýewa, G. Baýlyýewa, M. Mahmudowa, B. Garaýewa, M. Joraýewa, T. Aziziowa, M. Durdyýewa, A. Amanowa, D. Heşdekow, G. Soltowow, A. Halmedow, J. Baltabaýew.

Salgysy: 744013. Aşgabat şäheri, Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 40-njy jaý.
Gazetiň asyl nusgasy Türkmen döwlet bedenterbiýe
we sport institutynda taýýarlanyldy.

E-mail: tdbsi@sanly.tm

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň elektron görnüşde, aýda 1 gezek neşir edilýän gazeti

Möçberi: 0,5 çap list.
Sahypa sany: 8